**Gökdepe etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Ahal welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi hem-de Gökdepe etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2024-nji ýylyň 17-nji maýynda Gökdepe şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 75-nji jaýynda ýerleşýän bölümiň edara binasynda sagat 9:00-dan 12:00-a çenli boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

**Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:**
Gökdepe şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 75-nji jaýynda ýerleşýän bölümiň edara binasy.

**Habarlaşmak üçin:**

+9931326-00-34
+9931326-00-48